# Köne güzer

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Köne güzer KÖNE GÜZER

Ýok,
Men indi «Yşkyñ çyragy söndi»,
Diýip öz-özümi atmaryn oda.
Köne güzer bilen şärikli derdim,
bolan ykbalymy salaryn ýada.

«Ölsem-ä – Ýeriñki, ölmesem – señki,
Halys keç eñegne tutmasa pelek».
Ähti-wadalaryñ biweçliginden,
Görä, bu gün jiger bolmuş janserek.

Sen özge,
Men başga gujaga düşdüm,
Sebäp bolup bir bigäne bagta biz.
«Ömür» atly soñlanmajak sahnada,
Utup bilýän – aşyklykdan daşdadyr.

Indem köne güzer bilen arada,
Külterleýäs uzap barýan ýoly biz.
Bir-biregi baky söýmeklik üçin,
Bir-birekden aýra düşen ýaly biz.

Hojaberdi BAÝRAMOW. Goşgular